Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan  ; Timur Kor



**Salam sözi**

Salam sözi, balalar,

Iň ilki dile geler.

Sözleriň iň gowsudyr,

Ol edep bile geler.

Nirde duşsa ulular,

Salam berseň hoş bolar.

*Kaýum Taňryguly.*

---------- 

------

**Agzybirlik hemme zatdan güýçlüdir.**

.

Turkmenkultur.com

# *HAÝWANAT DÜÝNÝÄSI*



## Haýwanat düýnýäsine gezelenç

Meniň adym Maksat. Biz Böwrideşik obasynda ýaşaýarys.

Meniň kakam çopan, ejem – sagymçy.

Men birinji klasda okaýaryn. Häzir men ähli harplary tanaýaryn we dürli hekaýalary, ertikeleri, goşgulary okap bilýärin.

Men ejeme, kakama kömek etmeli.Ýöne nädip ?

Ejemem, kakamam : “ Jigiňe seretseň bolýar. Şol biziň üçin uly kömek “ diýýärler.

Meniň jigim Azatjyk ertekidir goşgulary gowy görýär.

Men ony kitaplaryň kömegi bilen haýwanat düýnýäsine gezelenje äkitýärin.

Ýärüň, hemmämiz bileje gideliň.

Turkmenkultur.com

--------  ---------


**Okasaň, ylym alarsyň,**

**hemme zady bilersiň.**



Bir gün bir garynja suw içjek bolup,

ýabyň başyna barypdyr.

Şonda ol suwa gaçypdyr.



Asmanda uçup ýören kepderi

Bir uzyn çöp alyp, ony Garynjanyň ýanyna oklapdyr.



Garynja-da ol çöpe dyrmaşyp,

suwdan çykypdyr we kepderä

köp alkyş okapdyr.

menkultur.com



Soň kepderi çöplük meýdanda otyrka, bir mergen tüpeňlemäge çemeleşip duran eken.

Hälki garynja muny görüp, mergeniň aýagyndan dişläpdir.





Mergen tisginip tüpeňini gysyp Göýberipdir.
Kepderi bolsa pasyrdap,
uçup gidipdir.




**Ýekäniň çaňy çykmaz.**